# Ýewropanyň iň gowy fantast ýazyjysy: Anna Starobines

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýewropanyň iň gowy fantast ýazyjysy: Anna Starobines

Rus ýazyjy zenany Anna Starobines golaýda Fransiýanyň Amiens şäherinde geçirilen halkara fantastik şüweleňinde "Ýewropanyň iň gowy ýazyjysy" diýen derejä eýe boldy. Anna Starobines diňe bir Russiýada däl, eýsem, dünýäniň beýleki ýurtlarynda hem mistik we fantastik eserleriň muşdaklarynyň arasynda uly abraýa eýedir. Ol Ýewropanyň "Ýewrokon" fantastik şüweleňinde "Ýewropanyň iň gowy ýazyjysy" diýen ugur boýunça abraýly baýraklaryň biri "ESFS Awards"-a eýe boldy.
Starobinesiň has meşhur kitaplarynyň arasynda "Geçiş ýaşy", "Birden sowuk düşdi", "Ikarowanyň demri" (mistik hekaýalar ýygyndysy), "Gaçybatalga 3/9" (fantastik roman), "Çydamly" (roman-antiutopiýa), "Oňat gyzlaryň ýurdy" we "Kotlantida" (çagalar eseri) ýaly kitaplary bellidir. Onuň eserleri fransuz, iňlis, italýan, ispan, şwed, polýak, bolgar, ýapon dillerine terjime edildi. Käwagt "rus Stiwen Kingi" hem diýlip atlandyrylýan Starobines "liriki horror" diýilýän ugur boýunça hem işleýär.
Starobines bilen bilelikde Şwesiýa, Finlýandiýa, Ukraina, Horwatiýa, Irlandiýa, Awstriýa, Rumyniýa, Çehiýa, Belarus, Slowakiýa ýaly ýurtlaryň hem-de Fransiýanyň ýazyjylarydyr terjimeçileri, neşirýatçylary, suratkeşleri, žurnallary we saýtlary abraýly baýraga eýe boldular.
"ESFS Awards" baýragy 1972-nji ýyldan bäri her ýyl gowşurylýar. 40 ýaşly Starobines horror žanrynda eser ýazýan az sanly rus awtorlarynyň biridir. Ol 2014-nji ýylda "Ikarowanyň demri" hekaýalar ýygyndysy üçin "Milli bestseller" baýragyna eýe boldy. 2017-nji ýylda onuň awtobiografik kitaby neşir edildi. Şu ýylyň ahyryna çenli bolsa, onuň çagalara niýetlenen kitabynyň çykmagyna garaşylýar.

# ZamanTurkmenistan

Edebiýat täzelikleri